# Ýol saýla

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýol saýla **ÝOL SAÝLA**

Ýör, öňe düş,
Ýene, şeýle ýol saýla,
Hasrat çekdirmesin yzyňdan gitmek,
Gijä galaýmaly bolupdyr öýle,
Nesip etsin şanly günlere ýetmek.

Gel, öňe düş,
Ýöne gysga ýol saýla,
Gereksiz menzili aşmaga derek,
Ertänem şu günüň goýnunda boýla,
Şü günlerem bolup ýörin janserek.

Çykyp gitse gitsin keşgim çäginden,
Agyr diýip egip ýörmän egnimi,
Boýum alyp öz ojagmyň çogundan,
Ýagtylyga-aga tutup göwnümi.

Irkilsem oýanyp, saz deý sesiňe,
Hökümdary özüň diýip dünýämiň,
Neti ýoldaş edip päliň pesine,
Borjum saýyp gezip ýörsem diýýäniň.

Her bir zada gollarymy gerdirme,
Öwredensiň, orta goýýaryn janym,
Edeniňe puşman edip ýördürme,
Ýola düşsem öňe salýan wyždanym. Goşgular